# Ysraýyl raýatyna açyk hat!

Category: Kitapcy,Publisistika,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Ysraýyl raýatyna açyk hat! YSRAÝYL RAÝATYNA AÇYK HAT!




*Ysraýyl tarapynda-da pöwhe haýbat atmalar, «kül-uşak etmäge» we «gyryp-gyrjaşdyrmaga» edilýän çagyryşlar bar. Emma akylly-başly adamlar bir zady bilýär: güýji näçe pes bolanda-da palestin halkyny ezip-mynjyradyp we ýok edip bilmezler.*
*Fotosurat: Ronen Zwulun / Reuters*

Ýönekeý raýata däl-de, açyk pikirli, dünýäde bolup-geçýänlerden habarly, wakalary deňeşdirip we sapak alyp bilýän ysraýyl raýatyna

Geçen hepde Gazadan bir topar palesitinaly raýat bilen ysraýyl goşunynyň we hemişelik göçüp gelýän toparlaryň arasynda Gaza sektoryny gurşap alýan şäherleriň raýonlarynda bolup geçen çaknyşyk birnäçe formada düşündirilip bilner.

Bulardan käbiri umumyarap we ysraýyl aňynda öwrenişilen «komplimasiýa» düşünjesiniň içine girýänem bolsa, görnüşi ýaly gysgaça aýdanda «agressiýa agressiýany döredýär» sözüniň subutnamasydyr.

Eýýäm birnäçe ýyl bäri Ysraýylyň daş-töweregindäki araplar bilen bir hatarda bütin dünýä Palestinanyň ýerinde her gün bir ýa-da birnäçe palestinalynyň ýa ýaragly goşun bölümleri ýa-da hemişelik göçüp gelýän jöhitler tarapyndan öldürilýändigini görüp-eşdip gelýäris.

Şol bir görnüşde ýaragly adamlaryň we göçüp gelýänleriň palestin raýatlaryny urup-ýençmek, olary tüpeňiň gundagy bilen

urmak, öýlerini ýykmak, olary aýal-ebtatdyr çaga-çugalar bilen birlikde müňlerçe adamyň saklanýan tussaghanalaryna soraga çekmezden dykmak ýaly degnaňa degiji çäreleri geçirýändiklerini teleýaýlymlar arkaly görüp-eşdip gelýäris.
Faşistik Germaniýa döwründe äpet gazly peçlere salnyp amala aşyrylan köpçülikleýin gyrgynçylygynyň yzyndan dünýäniň jöhitlere simpatiýa bilen seredýändigi hak.
Emma köpçülikleýin gyrgynçylyk bilen üýşüp-üýşüp sferalaýyn ýagdaýa öwrülen ýekeleýin gyrgynçylyklaryň arasynda näme tapawut bar?
Olam genosid, bulam genosid!
Gazaly raýatlar haýsy syýasy garaýşa eýedigine garamazdan, gapysy ýok kapasa gabalyp goýlan ýagdaýda.
Hiç kimse duran ýerinden butnap, dogduk depesinde ine-gana ýaşap, ýa-da kesellände saglygyna seretdirip bilenok.
Ölüm zarbaly gabaw arkalu adam hökmünde deňli-derejeli ýaşamak üçin zerurlyk duýulýan hemme zat ellerinden alynan ýagdaýda.
Derman-däri ýok, iýip-içere zat ýok, yzygiderli elektrik togy ýok.
Bularyň hemmesi nurbaty islendik wagt açyp-ýapyp oturan Ysraýylyň elinde.
Deňizdäki güzeran dolar ýaly ýerlerem birnäçe kilometr bilen çäklenýär. Çäklendirmäni bozanlar iň agyr jezany alýar.
Şular ýaly ölüm zarbaly atmosferada birnäçe kişi şeýdip ýaşandan öleniňem gowy boljakdygyny pikir edýär.
Gübatar Şeriada hem hemmeler gabaw astynda. Ýollar islendik pursat ýapylyp bilinýär.
Birinden şübhelenseler, şobada öldürip bilýärler. Hiç hili jezalandyrmak ýa sorag-ideg etmek diýilýän zat ýok.
Habar beriş serişdelerinden biri sesini çykarman imisala ýagdaýda geçip barýanam bolsa şeýle ýagdaýa uçrap bilýär.
Gynansak-da, dünýä her gün bolup geçýän bu azaby görenok ýa-da görse-de inkär edýär.
Käbir adamlar bu azaba berk jogap berýär, üstüne her dürli hapa-paýyş sözler ýagýar.
Ysraýylyň harby press-sekretarynyň geçen hepde arap teleýaýlymlarynyň birinde eden çykyşynda munuň mysalyny

gördük.
Ol hapa we ýürekbulanjy sözleri ulanyp, agzyndan gelenini aýtdy. Munuñ özi «ýagdaýyñ syýasy we hatda strategiki düşünişmezlikdenem beter milletparazçylykly ýigrençdigini» görkezýän subutnamadyr.
Halkyñyzyñ Günbatardan gelen gatlaklary bilen Gündogardan gelen gatlaklarynyñ bilen arasyndaky düşünişmezligi size aýdybam durjak däl.
Siz şonsuzam giñden ýaýran bu milletparazçylykly çemeleşmäni gaty gowy bilýärsiñiz. Köpçüligiñ dykgatyna ýetirilen edebiýatlarda jöhitleriñ özüniñem şeýle zatlary ýazgarýan ýazgylaryndan doly.
Size aýdyp berjek zadymam tutuş bir halkyñ ýerleşdirilen «kapasasydyr».
Soñky çaknyşygyñ arap ýurtlarynda we Ysraýylda ähli agressiýa rezerwlerini oda berendigini bilýärin. Şol bir wagtyñ özünde «ýeñişi» gabardýanlaryñ bardygyny-da bilýärin.
Biziñ öwrenişip giden bu gabartmalaryñyz bize merhum Ahmet Saidi ýatladýar.
Ysraýyl tarapynda-da pöwhe haýbat atmalar, «kül-uşak etmäge» we «gyryp-gyrjaşdyrmaga» edilýän çagyryşlar bar. Emma akylly-başly adamlar bir zady bilýär: güýji näçe pes bolanda-da palestin halkyny ezip-mynjyradyp we ýok edip bilmezler.
Şeýle-de akylly-başly adamlar gowy bilýändirler, derýanyñ ugry bilen deñize çenli «ýerleri hakas etmek» aldaýjy we ýalñyşdyryjy şygardyr.




Aýdylyp bilinjek bir zat bar: iki halk bir topragyň üstünde agzybir ýaşamaly bolar.
Ýa hemmeleriň deň tutulýan ýeke-täk demokratik döwleti

gurulmaly ýa-da bir topragyň üstünde iki goňşy döwlet gurulmaly. Ahyrsoňunda iki tarapyň şuny etmeli boljakdygy görnüp dur.
Üçünji ýol bolsa garşydaşyň güýjüni gowşatmakdyr. Emma şuny boýun almak gerek: Ysraýylyň hernäçe garşy tarapyň güýjüni gowşadýandygy palestinalylaryň urjak zarbasyndan has güýçli bolsa-da, netijede ikitaraply gowşamalar bolar.
Ysraýylly syýasatçylar uzak ýyllaryň dowamynda çäkli möçberde ilaty bolan kiçijik ýurduň «duşmanlar deňiziniň» ortasynda durandygyny propogandirledi.
Bu bahana Ysraýyldaky syýasatçylar tarapyndan ýurduň içinde we daşynda goldanýardy. Emma indi ýagdaý beýle däl.
Müsür, Iordaniýa ýaly iki uly goňşy ýurt bilen dil tapyşyldy, beýleki arap ýurtlary bilenem gatnaşyklar kadalaşmaga başlady.
Bu kadalaşmalar entek sowugragam bolsa, belli bir derejede «duşmanlar deňizi» argumentini gowşadyp bildi.
Bu giň möçberli kadalaşmalar ýakyn wagtda Ysraýylyň premýer-ministri tarapyndan BMG-nyň Baş Assambleýasynda buýsanç bilen agzaldy we Ysraýylyň töwereginiň «parahatçylygyň» ýaşyl lentasy bilen gurşalandygy aýdyldy.
Bu siziň üçin ýer paýlaşygy we ikitaraplaýyn ýaraşyk babatda iň ýakyn goňşularyňyz bilen ylalaşyga gelmegi üpjün eden ýol bolup bilerdi, emma doly tersine boldy.
Ysraýylly syýasatçylar kadalaşnagy boýun egmek we palestin halkyny ezmek maýyrmak üçin «mugt petek» hasapladylar.
Şonuň üçin pursat peýlemäge ýöneldiler. Hatda häkimiýet başynda oturanlaryň belli bir bölegi «nasistik» düşünjä ýykgyn etdi.
Munuň özi döwletiňiziň gurulyşyndan ýetmiş ýyl ýa-da ondan has uzak wagt bäri akmaklarça diýilmese-de, ýalňyş çemeleşmedir.
Häzir Ysraýyl ähli palestin şäherlerine hüjüm edip we harby at-abraýyna ýeten şikesiň «aryny» alyp biler. Emma bir nokatda çaknyşyk täzeden ot alar we gowşamalar dowam eder. Tutuş bir halkyň bähbitlerini we hak-hukuklaryny gözden salyp bolmaz.
Eger şeýle bolan bolsady, Günbatar ýurtlarynda jöhitleri ýok etmäge gönükdirilen işlerden soň jöhitleriň ýaşar ýaly howpsuz ýer tapylmazdy.
Jöhitler on müňlerçe ýyl soňam ýaşaýar, palestin halky-da ýaşamagyny dowam etdirer. Hatda onuň ýitip-ýok bolup gitmezligini üpjün edýän faktorlar beýleki tejribeler has ýakyn durýar.

Bir dilde gepleşilýär, medeniýetimiz bir we birinji-ikinji synp bölünişigini edýän ýok!
Geçmişde käbir paýhasly akylly-başly adamlarymyz oýnuñ düzgünlerine düşündiler we ýaraşygyñ meýilnamalaryny hödürlediler.
Emma bularyñ bir bölegini goldawçylary öldürip zyñsa, beýleki bir bölegini syýasy taýdan öldürip bir gyra zyñyldy.
Akyl-paýhasyñ öñdeligi bolmazdan, ösen tehnologiýalar hem, mawy asman hem, badyhowa şygarlar hem bizi gorap bilmez.
Jemläp aýdanymyzda:
Bir asyyryñ üçden ikisinden gowragynda Palestinadaky çaknyşyk töwerekdäki köp sanly çaknyşyga ot berdi, ösüşe badak urdy, adamzadyñ ösen siwilizasiýasynyñ derejesine çykmaga päsgel berdi!
Muhammet RUMEÝHI,
Kuweýt uniwersitetiniñ sosiologiýa professory, ýazyjy.

Ýekşenbe, 15.10.2023 ý. Publisistika